# Birine gysgajyk häsiýetnama

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Birine gysgajyk häsiýetnama BIRINE GYSGAJYK HÄSIÝETNAMA

Bile bir obada önüp-ösmedik,
Okamadyk on ýyllap bir mekdepde.
Aşgabatda, uniwersitetde sataşdyk,
Soň ýolumyz aýra düşdi messepde.

Il bähbidi däldi onuň gaýgysy,
Kürsi diýip inkär etdi Hudaýy.
Päli onuň öňe düşdi nebisden,
Ýol ýörese göz görmedi gedaýy.

Köp oturdy özi bilen ikiçäk,
Ýazardy goşgy-da, drama, powest.
Çykdy kitaby-da yzly-yzyna,
Tagam-tagsyry nist, derejesi nist.

Ine, birden döwür-döwran üýtgedi,
Döwür bilen üýtgäp gitdi gahryman.
Ýaranjaňlyk bilen şaýlanyp gitdi,
“Şan-şöhrata” tarap bakdy mähriban.

Imdi ol öz obamyzyň ymamy,
Hem dilinden düşürmeýär Hudaýy.
Ýaranjaňlyk aýrylmaýar kalbyndan,
Ýol ýörese göz görmeýär gedaýy…

03.03.2023. Goşgular